**Hususy telekeçileriň dykgatyna!**

Hormatly telekeçiler! Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy «Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 21-nji maddasyna laýyklykda 2019-njy ýylyň birinji ýarym ýyly üçin tabşyrylmadyk pensiýa gatançlarynyň beýannamalaryny hasaba alnan ýeriňiz boýunça ýerli etrap, şäher pensiýa gaznasynyň bölümlerine tabşyrmagyňyzy haýyş edýär. Şeýle hem beýannamalaryň möhletinde tabşyrylmazlygynyň kanunçylyga laýyklykda maliýe we administratiw jerimeleriň ulanylmagyna getirýändigini ýatladýar!

Şunuň bilen birlikde Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynda pensiýa ätiýaçlandyrmasy bilen bagly tölegleriň nagt däl görnüşinde töleg terminallarynyň üsti bilen kabul etmek mümkinçiliginiň döredilendigini hem belleýäris.